# Olimpiýa fakelini ýakmak Gitleriñ teklibi ekeni!

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Olimpiýa fakelini ýakmak Gitleriñ teklibi ekeni! OLIMPIÝA FAKELINI ÝAKMAK GITLERIÑ TEKLIBI EKENI!

Zewsi şöhratlandyrmak üçin gadymy gresiýalylar tarapyndan başy başlanan Olimpiýa oýunlary 1928-nji ýylda häzirki görnüşde dowam edilşi ýaly birnäçe asyra çeken arakesmeden soñ täzeden başlady. Olimpiýa fakelini parahatçylygy we agzybirligi getirsin diýen niýet bilen Afinydan Olimpiýa oýunlaryny geçirýän ýurda çenli äkitmek Germaniýanyñ nasist lideri Adolf Gitleriñ döwründe başlapdyr.
Olimpiýa fakeliniñ Gadymy Gresiýadan ýola çykyşy pikir edilşi ýaly uzak taryhy geçmişe eýe däl. Gitler heniz häkimiýet başyndaka 1936-njy ýylda Berlinde Olimpiýa oýunlary geçirildi. Gitleriñ gadymy grek medeniýetine bolan içgin gyzyklanmasyndan habarly Bütindünýä Olimpiadasyny geçirmek boýunça işlerden jogapkär Karl Diem munuñ ilkinji inisiatory bolup çykyş etdi. Berlin Olimpiadasyny nasistleriñ tomaşasyna öwürmek islän propoganda ministri Žozef Gebbels Gitleriñ oñlamagy bilen fakeliñ Olimpiýadan ýola çykmasyny idin berdi.
Gitler 1936-njy ýylyñ Berlin Olimpiadasy üçin Olimpiýadan ýola çykan fakeli Berline çenli getirjek ýüwrükleriñ (marafonçylaryñ) sanyny 3 müñ 331 adam diýip kesgitledi. Meýilnama taýýarlamagyñ ussady Gebbels her ýüwrük 3 km 187 metr ylgandan soñ fakeli başga bir ýüwrüge gowşurmagyny üpjün etdi.

■ Olimpiýa fakeli näme üçin ýakylýar?

Olimpiýa fakeli häzirkizaman olimpiadalara ilkinji gezek 1928-nji ýylda Amsterdam Olimpiadasynda girizildi. Fakeli elden-ele geçirmek bolsa 1936-njy ýylda Berlin Olimpiadasynda amala

aşyryldy.
Ot we oýunlar bilen baglanyşykly birnäçe rowaýatlar bar. Şol rowaýatlaryň birinde Prometeý Zewsiň ot güýjüni ogurlaýar. Ylahy dinlerde şeýtana meňzedilen Prometeýiň ody adamlara gowşurmak üçin eli bilen getirendigine ynanylýar. Ebedilik ýanmaly bu ot häzirki Gresiýanyň Olimpiýa şäherindemişin. Häzirki Olimpiýa oýunlary hem fakel Olimpiýa şäherinde ýakylandan soň badalga berilýär. Olimpiýa oýunlarynyň alawyny asmana galdyrmak dabarasy Olimpiýanyň arheologik sebitindäki Hera akropolynda bolup geçýär. Aslynda bu dabara grek köphudaýlylygyndan galan dini ritualdyr. Fakel ilkinji bolup baýramçylyk lybasyna beslenen bir aýalyň aýnany Gün şöhlesine tutmagy bilen ýakylýar. Gadymy Gresiýadaky Olimpiýa tradisiýalarynyň dowam etmegi üçin bu ody Olimpiýa oýunlarynyň tamamlanýan wagtyna çenli söndürmän saklamaly.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar